# «Magtymguly haýran, her ýana bakar...»

***ýa-da şahyryň döredijiligi hakynda ylmy seljermeler we edebi oýlanmalar***



Şahyr suwadan ot çykmagy, gamyşdan gant almagy gudrat hasaplaýar. Gant gamşy diýilýän düzüminde 15-20 göterime çenli gant saklaýar we ondan aýrayn tilsimler arkaly türkmenler bilen ýanaşyk ýurtlarda gant alypdyrlar. Zelili tebigatyň şu täsinligine we suwdan ot çykmagyna gudrat hökmünde garap, ikisini-de bir sapaga düzüpdir. Biziň pikirimizçe, şahyrlaryň ikisi-de şol bir ot hakynda gürrüň edýär. Ýöne olaryň içki dünýäsindäki tapawut bu meselä dürlüçe çemeleçmäge iteripdir. Zelili ol hadysa tebigatyň gudraty hökmünde seredýär. Magtymguly bolsa suwdan ot çykmagyna halypa sopularyň nazaryýeti nukdaýnazaryndan çemeleşip, olaryň arasyndaky ülňi bir bolan umumylygy gözleýär, gutamykly netijä gelip bilmän, haýrana galýar. Suwdan ot çykýan bu gudrat bilen yslam nazaryýetçileriniň suwunyň, odunyň arasynda kybapdaşlyk, meňzeşlik umumylyk tapmaýar. Bu bolsa Magtymgulynyň dini we tebigat bilen baglanyşykly düşünjeleriniň arasyndaky sazlaşygyň deňagramlylygyny bozýardy, wakany gudratlaşdyrmaklyga tarap syrykdyrýardy.

Eýsem, Pyragy nämä haýram galdy?

Dogrudanam, XVIII asryň durmuşynda suwdan ot çykaryp biljek nähili güýç bolduka? Elbetde, ol döwürde kuwwatly gidroelektrostansiýalar hakynda düşünje bolmandyr. Çünki olar ylmyň ösüşiniň soňky etaplarynda ýüze çykdy. Suw bilen özara täsir, ondan ot çykaryp bilýän metalar: natriý, kaliý, kalsiý we başgalar ylma Magtymgulynyň ýaşan döwründen has soň, elektrik togy belli bolanda ýüze çykdy. Köne taşlanan guýlarda «eýe» bolandygy, olaryň mahal-mahal ot bolup asmana sowrulýandygy hakynda il içinde gürrüň ediler eken. Emma bu ahwalatlaryň gönüden-göni suw däl-de, guýlar bilen baglanyşyklydygy sebäpli, olara «döwli guýy», «otly guýy» diýen atlary dakypdyrlar.

Gadymy syýahatçylaryň tassyklamalaryna görä günbatar Türkmenistanda baryp, VII asyrlarda tebigy gazyň hemişelik ýanyp duran ýerleri bolupdyr. Ýerli ilat ol ýere «mydamot» diýip at beripdir. Diýmek, şuňa meňzeş tebigy hadysalar halka örän gadymy döwürlerden bäri belli bolup gelipdir.

Suwly ýerasty çeşmeleriň käbirlerinden kükürti wodorod gazynyň bölünip çykýandygy, onuň otlanan mahalynda gysga wagtlaýyn ýanýandygy okyjylar köpçüligine mälimdir. Meselem, şolar ýaly suwly çeşmeleriň biri Magtymguly etrabynda /Sakar obasynda/ bar. Şu

ýerde we başga ýerlerde suw astyndan bölünip çykýan kükürti wodorod gazynyň konsentrasiýasy /umuman, mukdary/ onuň mydamlyk ýanyp bilmek derejesinden has pesdedir. Kähalatlarda ýerasty suwlardan kükürti wodorod gazy bilen birlikde tebigy gaz hem atylyp çykýar. Şeýle ýagdaýda içki sürtülme netijesinde ol öz-özünden ot alyp bilýär. Ýöne tebigatyň şular ýaly hadysasy adam aňynda suwdan ot çykmak düşünjesini, diňe oduň atylyp çykýan meýdanynyň esasy aýtymynyň ýaýylyp ýatan suw bolan mahalynda döredip biler. Üstesine-de, kükürti wodorod gazynyň hatda, sähelçe mukdarynyň howada bolmagy ýakymsyz ysy döredýär. Munuň özi, tebigy hadysalar hakynda ylmy düşünjesi bolmadyk adamlaryň aňynda-da suwdan ot çykyp bilmek düşünjesini däl-de, haýsam bolsa ýakymsyz ysly näbelli gazyň ýaňýandygy hakyndaky düşünjäni oýaryp biler.

Biziň pikirimizçe, öň hem metbugatda ýaňzydyşymyz ýaly, tebigatda seýrek gabat gelýän, suwdan ot çykaryp biljek gudrat tebigy gaz, onda-da suwuň-deňziň düýbünden atylyp çykýan gaz bolmaly. Mälim bolşy ýaly, tebigy gaz ýerastyndan güýçli basyş bilen atylyp çykyp, öz-özünden ot almaga ukyplydyr. Gaz çüwdürimi wulkan atylma mahalynda emele gelmegi hem mümkindir. Şeýle halatdaky otly gaz çüwdürimi birnäçe ýüz metr belentlige çenli galyp, onuň gijelikdäki ýagtysy onlarça kilometr uzaklardan hem görnüp biler. Mysal üçin, alymlar I.M.Dworow bilen M.L.Dworowyň tassyklamagyna görä, şeýle gaz fontanynyň-çüwdüriminiň 1958-nji ýylyň noýabrynda Hazar deňzinden atylyp çykandygy belli edildi.

Geçen asyryň 80-nji ýyllarynyň aýaklarynda Moskwada çykýan «Komsomolskaýa prawda» gazetiniň şol wagtky habarçysy A. Buşew şeýle mazmundaky habar bilen çykyş edipdi. Hazar deňziniň suwunyň derejesi göterilip, deňziň gyrak-bujaklaryny basdy. Deňziň suwunyň aýtymyndan otly gaz çüwdürimi atylyp çykdy. Onuň gijelikdäki ýalkymy uzaklardan görnüp, adamlary haýrana goýdy.

Ähtimal, şeýle gaz çüwdürimi Magtymgulynyň, Zeliliniň ýaşan döwründe, suwuň astyndan, /aýdalyň, Hazar deňzinden/ atylyp çykyp, ony haýran galdyran bolmagy mümkin. Bu hadysa şahyrlaryň aňynda suwdan ot çykmak düşünjesini oýadypdyr diýip bolar. Tebigatyň şonuň ýaly hadysasy şol bir sebitde, bir adam ömrüniň çäginde juda seýrek duşýandygy sebäpli, oňa deňeşdirip boljak fantastikanyň anyk detallary hem tapylmadyk bolara çemeli...

Biz şahyrlaryň suwdan ot çykmak gudratynyň deňziň düýbünden atylyp çykan otly gaz çüwdürimi bolmagy mümkindir diýen çaklamany orta aldyk. Şeýle gaz çüwdüriminiň näçe wagt ýanandygy belli däl. Onuň iň bolmanda birnäçe günläp alawlap ýanan bolmagy ahmal. Şeýle tebigy hadysany şahyrlarymyz aýry döwürlerde syn etdilermikä ýa-da bilelikde? Muny bilmek gyzyklydyr. Sebäbi Magtymguludyr Zeliliniň arasyndaky şahsy gatnaşyklaryň aýtymy hakyndaky mesele-de henize-bu güne çenli çaklamalykdan saýlanyberenok. Geliň, gowusy bu meseläniň çözgüdini Magtymguludyr Zeliliniň gürrüňi edilýän goşgularynyň ruhundan gözläliň.

Magtymgulynyň suwdan ot çykmagy gudrat hasaplaýan «Ykbal bolmady» diýen goşgusynyň garrylyk döwrüniň önümidigini tassyklaýan sebäpler bar. Muny onuň kömpleriň jahana gelip gidendigi, bu gün görenleriniň ertir ýokdugy, hatda, Karunyň, Harynyň, Feridunyň-da ölüp gidendigi, ölüp gitseň bu dünýä geleniň-gelmedigiň deň boljakdygy hakyndaky gürrüň berýän gojalyk döwrüniň setirleri-de tassyklaýar. Munuň tersine, Zeliliniň «abdan ataş çykmagy» gudrat hasaplaýan «Zynatydyr» diýen goşgusy bolsa, onuň ýaşlyk döwründe, ýaşlyk joşguny bilen ýazylana meňzeýär. Goşgynyň setirleri at-ýaragyň goç ýigidiň guwanjydygy, ýigidiň mertliginiň, güýç-kuwwatynyň onuň bezegidigi hakynda söhbet açýar. Şahyryň «ogul ýürek kuwwatydyr», «ýagşy äre ýaman hatyn, başynyň melamatydyr» diýen setirleri bolsa, goşgynyň ýazylan wagtlary Zeliliniň öýlenip, öýli-işikli, çagaly-çugaly bolandygyndan uç berýär. Mahlasy, goşgularyň ruhy Magtymgulynyň gojalyk, Zeliliniň bolsa jahyllyk döwrüni ýatladýar. Şahyrlarymyzyň ýaşap geçen ýyllaryny göz öňünde tutsak, /Magtymgulynyňky 1734 — 1813-nji ýyllar, Zeliliňki 1780 — 1854-nji

ýyllar/, onda munuň özi tebigatyň şol bir seýrek hadysasyna Magtymguludyr Zeliliniň bilelikde tomaşa edendigine güwä geçmän duranok.

Indi, bu meseläniň iň çylşyrymly-aýgytly bölegine geşeliň! Gürrüňi edilýän goşgular haçan, has takygy, näçinji ýyllarda ýazyldyka? Munuň üçin otly gaz çüwdüriminiň suwdan-deňizden haçan atylyp çykandygyny bilmeli. Muny bilmek kyn, hatda, göräýmäge, mümkin hem däl ýaly. Çünki häzirki döwürdäki ýaly tebigy hadysalary hasaba almak Magtymgulynyň ýaşan döwründe, elbetde, bolmandyr. Tötänleýin gabat gelip, tebigaryň bu seýrek hadysasyny suratlandyran syýahatçylaryň işlerinde gabat geläýmegem kyn. Her niçik bolsa-da, meselämiziň çözgüdini otly gaz çüwdüriminiň tebigatyndan gözläliň.

Otly gaz çüwdüriminiň atylyp çykan ýerleri ─ günorta Hazar çöketligi akylyňy haýran ediji, ýerastyndan suwuk läbik çykaryjy wulkanlaryň mekanydyr. Bu ýerde «Porsy köl», «Alyguly», «Ak patlawuk» diýen ýaly, häzirki wagtda sönen, emma mahal-mahal oýanyp bilýän wulkanlar bar. Magmatik gurluşly şolar ýaly wulkanlaryň Hazar deňziniň çuňluklarynda boljagyna şübhe ýok. Ýokary kuwwatlykly, deňziň düýbünden atylyp çykan otly gaz çüwdürimi güýçli tektonik sarsgynlaryň täsiri bilen döräpdir diýip bolar. Eger şeýle bolsa, onda Magtymgulynyň ýaşan döwründäki Hazar çöketliginiň ýerasty sarsgynlary hakyndaky maglumatlar bilen tanyşmak ýerlikli bolsa gerek.

Alym J.Eýweniň tassyklamagyna görä. Ýer ýüzünde iňňän seýregem bolsa, 1730─1810-nji ýyllar aralygynda güýçli ýerasty sarsgynlar bolmandyr. Otly gaz çüwdürimini döredip biljek ýerasty sarsgynlar, ähtimallyklara görä, 1810-nji ýyldan soňky wagta, diýmek , goşgynyň ýazylan wagtlary-da şol seneden soňky döwre gabat gelýär. Emma başga bir ýagdaý göwnüňe güman getirýär . otly gaz çüwdürimi J.Eýweniň aýdyşy ýaly, güýçli ýerasty sarsgynlar bilen däl-de, adaty, ýygy-ýygydan bolýan sarsgynlaryň netijesinde ýüze çykan bolmagy-da mümkindir.

Biziň elimizde Hazar deňziniň suwunyň derejesiniň soňky elli ýylyň dowamyndaky üýtgeýşiniň şekilli çyzgysy bar. Şekilden görnüşine görä, başda gürrüňi edilen otly gaz çüwdüriminiň atylyp çykan wagty / 1958-nji ýylyň noýabrynda/ Hazaryň suwunyň derejesi üzül-kesil galypdyr. Çyzykly şekilden görnüşine görä, Hazar deňziniň suwunyň beýgelmegi soňky elli ýylyň dowamynda diňe bir gezek, ol hem 1958-nji ýylda bolupdyr. Biziň pikirimizçe, şol wagt atylyp çykan otly çüwdürimi bilen deňziň suwunyň ýokary galmagynyň arasynda berk baglanyşyk bar. Olaryň ikisiniň hem esasynda tektonik hadysalar /ýer gabygynyň içki güýçler netijesinde gatlaklarynyň bozulmagy ─ Ç.K. /ýatýar. Şol baglanyşyk hem bize deňziň suwunyň ýokary galmak derejesine esaslanyp, otly gaz çüwdüriminiň haçan atylyp çykandygyny kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Eger şeýle bolsa, onda Hazaryň suwunyň derejesinden ugur alyp, şahyrlarymyzyň ýaşan döwründäki otly gaz çüwdüriminiň atylyp çykan wagtyny kesgitläp bolar.



Biziň elimizde  ýene-de bir maglumat bar. Akademik L.S.Bergiň 1934-nji ýyldaky düzen çyzykly şekiline görä, Magtymgulynyň ýaşan döwründe, 1750-nji ýyllardan başlap, 50 ýylyň dowamynda Hazar deňziniň suwunyň derejesinde takmyny durnuklylyk saklanypdyr. Emma 1798-nji ýyllardan başlap, deňziň suwunyň derejesi beýgelip, 1806-nji ýylda iň ýokary derejä

galýar we ýene-de düýpli pese gaçýar. L.S.Bergiň çyzykly şekilindäki şu gerşiniň döräp, ýitip gitmek häsiýeti bilen 1958-nji ýylyň noýabryndaky, deňizden otly gaz çüwdüriminiň atylyp çykan mahalyndaky, Hazaryň suwunyň beýgelip, pese gaçmak häsiýetleri meňzeş. Eger 1958-nji ýylyň noýabryndaky atylyp çykan otly gaz çüwdürimi Hazaryň suwunyň ýokary galmagynyň netijesidir diýsek, onda Magtymguludyr Zeliliniň ýaşan döwründäki, Hazaryň suwunyň üzül-kesil beýgelip pese gaçmak häsiýetleride şahyrlaryň beýan edýän otly gaz çüwdüriminiň atylyp çykan wagty bilen gabat gelmeli. Çyzykly ylmy şekilden ugur alsak, onda deňziň suwunyň iň ýokary galmak derejesi 1806-nji ýyla gabat gelýär. Ähtimallyklara görä, şol ýyl hem Hazardan ýokary basyşly otly gaz çüwdürimi atylyp çykypdyr. Diýmek, şondan kän wagt geçmänkä, hadysanyň gudratly täsiri öçüşmänkä, biziň şahyrlarymyz galama ýapyşyp, tebigatyň bu seýrek hadysasy hakynda öz goşgularynda yz galdyrypdyrlar. Ýöne şu ýerde bellemeli zat. Bu tebigy hadysany yzarlap, Magtymguludyr Zeliliniň ýaşan döwrüne hem-de olaryň ömür ýaşyna has anyk göz ýetirip pikir etmäge mümkinçilik bar. Belki, ony gelejekde alymlar ymykly öwrenerler.

Ýokardaky ylmy çeşmelerden şeýle netije çykaryp bolar. Magtymgulynyň goşgusyndaky suwdan ot çykarýan gudrat Hazar deňzinden atylyp çykan otly gaz çüwdürimi bolmaly. Ähtimallyklara görä, otly gaz çüwdürimi 1806-nji ýylda atylyp çykypdyr. Tebigatyň şol seýrek hadysasyna Magtymguludyr Zelili bilelikde tomaşa edipdirler, pikir alşypdyrlar. Şol wagtlar Zelili öýli-işikli, çagaly-çugaly, ýigit joşgunly adam eken. Magtymguly bolsa goşgy senedini sagdyn ýöredýän, goja ýaşly adam bolan.

Bu ylmy hem-de edebi seljermeler Magtymgulynyň döredijilik älemine has çuňňur göz ýetirmäge hemaýat eder öýdýäris. Onuň döredijiligini daşymyzy gurşap olary dünýäden, dini hem tebiga düşünjelerinden aýry göz öňüne getirmek mümkin däl.

*(soňy)*

***Çary Kulyýew,***
Himiýa ylymlarynyň kandidaty

*Çeşmesi: Turkmenistanynň Altyn Asyr neşriýeden*
*Taýýarlan: Ş.A*
*Türkmen Kultur Ojagy, Göteborg*